# Gapy kakýan ýok

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gapy kakýan ýok GAPY KAKÝAN ÝOK

Tyrk
Tyrk
Tyrk
Kakylýar gapy
– Kim bu gelen?
– Kim bolsa-da gelsin. Çytylýan gaş ýok.
Uzak gije gül myhmanyñ gaşynda
Ýazylgy saçak
Ýazykly goşgy
Ýazykly döwür.
Kä sözlerden niçe güller dörändir
Söz temeni niçe çyban ýarandyr
Garaz añkap giden gara gijäni
Geljek daña dañyp,
Çatyp güneşe
Gözleriñ okalap barmaly işe!

Tyrk
Tyrk
Tyrk
Kakylýar gapy!
– Gel goñşym, gelewer, alada näme ?
Gürrüñe başlaýar obadaş daýhan
Ýiten toklularyn tapmaly hökman!
Gündogardan iti otlap başlaýar
Günbatar soragy: Agşamky myhman

Tyrk
Tyrk
Tyrk
Kakylýar gapy

– Bu gelen bir kim bolmaly, eý Hudaý?
Gelenleriñ sany bir däl, iki däl
Morfiniñ ysyna endik eden it
Gapy kakan barmaklary ysyrgap
Gelendir gapyña ýurtsuz gedaý!

Tyrk
Tyrk
tyrk
Ÿapylýar gapy!
Tükeniksiz sorag
Yzy ÿok ÿalan…

Aradan geçendir ençeme zaman
Tyrk
Tyrk
Tyrk
Gapy kakýan ýok!

Abdylla MUHAMMEDI
(Türkmensähra) Goşgular